***Ýaş nesiller, olaryň sazlaşykly ösüşi we saglygy, mynasyp bilim-terbiýe almaklary, saýlap alan hünärine eýe bolmaklary, ylym we döredijilik, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmaklary üçin zerur şertleriň döredilmegi baradaky alada ýurdumyzda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen döwletimiziň we jemgyýetimiziň ähli ugurlaryny öz içine alýan giň möçberli özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ýaş nesilleriň buýsanjyny goşalandyrýar.***

Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde türkmen ýaşlary dünýä derejesindäki olimpiadalarda, halkara bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip, ýurdumyzyň abraýyna abraý goşýarlar. Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň uludan toýlanylýan şu ýylymyzda hem bagtyýar ýaşlaryň ençemesi halkara derejede baýrakly orunlara mynasyp boldular. Şoňa görä-de, ýakynda halkara ders bäsleşiklerinde, sport ýaryşlarynda baýrakly orunlara mynasyp bolan ýaşlaryň hem-de olaryň halypa mugallymlarynyň we tälimçileriniň sylaglanylmagy möhüm wakalaryň hataryndan orun aldy.

Hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamasyna laýyklykda, dünýä derejeli ders bäsleşiklerinde ýokary netijeleri gazanan mekdep okuwçylaryna, talyp ýaşlara hem-de olaryň halypa mugallymlaryna 40 müň, 70 müň we 100 müň manat möçberde pul baýragy gowşuryldy. Mundan başga-da, sportuň dürli görnüşleri boýunça geçirilen halkara ýaryşlarda altyn, kümüş we bürünç medallara mynasyp bolan türgenlerdir olaryň tälimçileri 40 müň, 70 müň manat möçberde pul baýragy, şeýle hem 2025-nji ýylda goýberilen, ak reňkli «Toyota Camry HEV 2.5L» kysymly ýeňil awtoulaglar bilen sylaglanyldy. Bu dabara dünýäde ata Watanymyzyň abraýyny belende galdyrýan raýatlarymyzyň ýokary döwlet derejesinde sarpalanýandygynyň nobatdaky aýdyň güwäsine öwrüldi.

Goý, biz – ýaş nesillere ähli ugurlarda giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, beýik işleri elmydama rowaç bolsun!

**Şirmyrat ATABAÝEW,**
**Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň Demir ýol ulaglary fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.**

Все права защищены